# Gaýynenemiň geň gylyklary

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gaýynenemiň geň gylyklary GAÝYNENEMIŇ GEŇ GYLYKLARY

Öýe eýemsiremek, maşgala baş bolmak baradaky on ýyllap dowam eden başa-baş söweş henizem dowam edýär. Ýöne, ýaryşyň ikinji tapgyrynda gaýynenem menden ýarym oçko öňe geçdi.

* * *

Gaýynenem bir gün öýden çyksa, gaýynatamyň üç ýyl uruşda bolup gelendäkisinden köp gürrüň getirýär.

* * *

Gaýynenem öýe gelende ýygrylyp, wiý, ýylgyryp garşylaýas, gidende çapak çalýas.

* * *

Gaýynenemiň gelen güni gapymyzdaky Garagözüňem geregi bolanok.

* * *

Öýünde gaýynenesi bolan adam ölen güni soragsyz-idegsiz, behişde barybermeli. Sebäbi ol dirikä dowzahyň oduna ýanýan adam.

* * *

Gaýynenem gargap-gargap, ähli malyny haram öldürdi. Indem jyny maňa düşdi welin, hernä gezek meniňki däldir-dä?!

* * *

Gaýynenemiň saçy agaryp, gözi küteldi, agzy kemperip, bili büküldi. Ýöne şindi-şindilerem gapymyzda del adam görünse, özüne sakçy gelendir öýdýär.

* * *

Öýde gaýynene han bolsa, giýewisi san bolýar.

* * *

Özünden başga betgüman gaýynenem gyzyny bäbekhanadan çykaranda-da, çagasynyň agramyny ölçedip aldy.

* * *

Ömür boýy söwdada işläp, terezi bilen bagry badaşan gaýynenem towgunyň ýumurtgasynam çekip satýar.

* * *

Gaýynenesiniň bir towgy haram öläýse, äri ölenden beter gynanýar. Bir towgy guzlaýsa welin, ogly bolandan beter begenýär.

* * *

Gaýynenem öýde bir jinneklik iş edäýse, bir humluk minnet edýär.

* * *

Gaýynene galyňlap, halatlap satylýan bolsa, men iň garyp adam bilen guda bolardym.

* * *

Ertir bazar diýlen güni gaýynenem uzyn gije ýatman, öň daňynyp, könelden gyňaçlaryny ütükläp daňyny atyraýýar.

* * *

Päliýamanyň özi garrasa-da, niýeti garramaz eken. Ýüzüniň hamy taşlanan sanaja dönen gaýynenem şindi-şindilerem kellesine agtygynyň şaýly tahýasyny geýip, aýnaň öňüne baran bolýar.

* * *

«Günümden öñ garratdyñ…» diýip, gaýynenem ýer ýumruklap, Tañrysyna gargaýar. Ýöne Hudaý gaty geçirimli bolarly. Onuñ özi bilen deñ bolanok.

* * *

Gaýynenem ölende gözüni açyp, armanly gitdi. Sebäbi ol menden öñ ölenine gynandy.

* * *

Gaýynene ölenden soñ ony pul bilen direldip bolýan bolsa, ilçilikdir, synanşanam tapylardy. Ýöne men-ä bahasynyñ üstünde oñşaryn öýdemok.

Allaguly REJEBOW.

«Tokmak» žurnaly, 1991 ý. Degişmeler